#91 (113)
среда, 21 сентября 2022 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

2022-nji ýylyň 17-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onuň barşynda döwlet durmuşynyň möhüm meselelerine garaldy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow, ilki bilen, hormatly Prezidentimizi Özbegistan Respublikasyna amala aşyran iş saparynyň üstünlikli geçmegi, onuň çäklerinde döwlet Baştutanymyzyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Samarkant şäherinde geçirilen sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşmagy hem-de täze başlangyçlary öňe sürmegi bilen gutlady. Şeýle-de saparyň çäklerinde ikitaraplaýyn duşuşyklaryň birnäçesi guraldy.

Wise-premýer, daşary işler ministri ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň Türkmenistanyň sanly diplomatiýasyny ösdürmek boýunça alyp barýan işleri barada hasabat berdi. Döwlet maglumat syýasatyny we sanly diplomatiýanyň işini kämilleşdirmegiň çäklerinde öňdebaryjy täzeçil tehnologiýalary netijeli peýdalanmak boýunça toplumlaýyn çäreler amala aşyrylýar. Bellenilişi ýaly, 2020-nji ýylyň fewralynda Daşary işler ministrliginiň merkezi edarasynyň düzüminde “Sanly diplomatiýa” atly bölüm döredildi. Bu bölümiň esasy wezipeleri sanly maglumat tehnologiýalaryndan netijeli peýdalanyp, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatyny we halkara başlangyçlaryny dünýä jemgyýetçiligine ýetirmekden ybaratdyr.

DIM-niň saýtynda “Halkara habarlary” atly internet gazeti onlaýn görnüşde yzygiderli berilýär, şeýle-de onda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna bagyşlanan sanly sergi ýerleşdirildi. Kiberhowpsuzlygy üpjün etmek boýunça wezipeleriň wajypdygyndan ugur alnyp, Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, 2021-nji ýylyň 20-nji awgustynda DIM-de maglumat ulgamlaryna gözegçilik bölümi döredildi.

Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna ýurdumyzyň diplomatik gulluklarynyň halkara maglumat giňişligindäki çärelerini işjeňleşdirmek we milli sanly diplomatiýanyň gurallaryny kämilleşdirmek maksady bilen taýýarlanan birnäçe teklipler hödürlenildi. Şeýle-de ýurdumyzyň elektron aragatnaşyk ulgamyny artdyrmak we onuň bitewüligini emele getirmek maksady bilen, özbaşdak Milli sanly tory döretmek teklip edildi. Şunuň bilen birlikde, BMG-niň we beýleki abraýly guramalaryň çäklerinde kabul edilen Kararnamalary, beýleki halkara resminamalary ýygnamak, beýan etmek we tertipleşdirmek üçin ugurdaş sanly diplomatiýany, şeýle hem Türkmenistanyň diplomatik gulluklarynyň sanly muzeýini döretmek boýunça teklipler aýdyldy.

Ählumumy media giňişliginde Türkmenistan baradaky maglumatlary dessin we yzygiderli ýaýratmak maksady bilen, iri halkara sanly media kompaniýalary bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýola goýmak we ýakyn wagtda degişli geňeşmeleri geçirmek teklip edilýär. Türkmenistanyň diplomatik we konsullyk işlerine sanly tehnologiýalary ornaşdyrmagyň, programma üpjünçiligini ýola goýmagyň çäklerinde diplomatik gulluklaryň ykjam telefonlary üçin media binýatlaryny döretmegiň mümkinçiliklerine garamak teklip edilýär. Onuň işe girizilmegi bilen, ykjam aragatnaşyk arkaly gündelik täzelikleri beýan etmek, raýatlarymyz üçin konsullyk gulluklaryna elýeterliligi üpjün etmek we durnukly sanly ulgam alşygyny ýola goýmak göz öňünde tutulýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, döredijilik mümkinçiliklerini doly durmuşa geçirmegi esasy ugur edinýän Bitarap Türkmenistanyň abraýly halkara we sebit guramalary bilen köpugurly hyzmatdaşlygynyň mundan beýläk-de ösdüriljekdigini aýtdy. Şunda ählumumy parahatçylygyň we abadançylygyň bähbidine ýola goýulýan gatnaşyklaryň giňeldilmegine möhüm ähmiýet berilmelidir.

Döwlet Baştutanymyz elektron media serişdeleriniň, maglumat tehnologiýalarynyň yzygiderli ösdürilmeginiň täze aragatnaşyk gurşawynyň döredilmegini üpjün edendigini belledi. Häzirki döwürde sanly ulgamyň mümkinçilikleri artyp, ol döwletiň we jemgyýetiň ähli ugurlaryny gurşap aldy. Häzirki wagtda daşary syýasaty, umuman, halkara gatnaşyklary amala aşyrmagyň has netijeli guralyna öwrülen şertlerinde sanly diplomatiýanyň eýeleýän orny barha ýokarlanýar. Işiň bu görnüşiniň netijeli peýdalanylmagy dünýä giňişligindäki hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek, tejribe alyşmak, gatnaşyklaryň täze guralyny döretmek boýunça giň mümkinçilikleri açýar.

Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işinde sanly ulgamyň ösdürilmeginiň halkara bileleşigi Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlary, onuň ählumumy abadançylygyň we ösüşiň bähbidine kybap gelýän parahatçylyk döredijilikli başlangyçlary bilen tanyşdyrmaga zerur şertleri üpjün etjekdigini aýtdy hem-de wise-premýere, daşary işler ministrine bu ugurda alnyp barylýan işleri dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda ýolagçy awtomenzilleriniň açylyş dabarasyna görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Täze awtomenzillerde awtobuslara GPS ulgamy arkaly gözegçilik etmäge we olara ýol hatlaryny elektron görnüşde resmileşdirmäge, ýolagçylara onlaýn tertibinde petek satmaga we olara awtobus ugurlary baradaky maglumatlar bilen tanyşmaga mümkinçilik döredilendir. Şeýle-de olarda ýolagçylar we sürüjiler üçin zerur bolan ýokary derejeli şertler üpjün edildi. Şunuň bilen baglylykda, agentligiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň garamagyna täze desgalaryň açylyp ulanmaga berilmegi mynasybetli taýýarlanan degişli meýilnamanyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, häzirki wagtda ýurdumyzda ulag-kommunikasiýa toplumyny döwrebaplaşdyrmak hem-de ösdürmek boýunça giň gerimli işleriň ýaýbaňlandyrylandygyny, bu ugurda amala aşyrylýan çäreleriň halkyň durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyna ýardam edýändigini, şol bir wagtyň özünde halkara hyzmatdaşlyk üçin giň mümkinçilikleri açýandygyny belledi. Degişli düzümleýin desgalaryň ulanmaga berilmegi Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösmegi üçin aýratyn ähmiýete eýedir diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy hem-de agentligiň ýolbaşçysyna awtomenzilleriň açylyş dabarasy bilen baglanyşykly birnäçe tabşyryklary berdi.

Mejlisde başga-da birnäçe wajyp meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini tamamlap, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny hem-de berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# ПРЕЗИДЕНТ СЕРДАР БЕРДЫМУХАМЕДОВ – ПОЧЁТНЫЙ ГОСТЬ САММИТА ШОС

16 сентября Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов отбыл с двухдневным рабочим визитом в Республику Узбекистан, где по приглашению узбекского лидера Шавката Мирзиёева в качестве почётного гостя примет участие в заседании Совета глав государств-членов Шанхайской организации сотрудничества (ШОС).

В соответствии со своей внешнеполитической доктриной, основанной на статусе постоянного нейтралитета и всемерно нацеленной на упрочение конструктивного международного диалога во имя всеобщего процветания и устойчивого развития, суверенный Туркменистан успешно развивает плодотворное взаимодействие со странами-партнёрами как в двустороннем, так и многостороннем формате.

Всевозрастающей роли современного Туркменского государства в мировом политическом и экономическом пространстве во многом способствует тот факт, что наша страна, являющаяся полноправным членом более 50 авторитетных международных и региональных организаций, принимает самое активное участие и во встречах отдельных межгосударственных объединений, членом которых не является, но всецело разделяет их подходы к выстраиванию многопланового, равноправного и взаимоуважительного диалога.

Особое место в этом ряду занимает Шанхайская организация сотрудничества, несомненным приоритетом деятельности которой выступает поддержание мира, безопасности и стабильности в регионе. Страны, входящие в эту организацию, являются давними, традиционными парт¬нёрами Туркменистана, его соседями и друзьями, в партнёрстве с которыми уже реализовано и реализуется немало важных совместных проектов.

Таким образом, продуктивный диалог на площадке ШОС напрямую способствует не только упрочению исторически сложившихся уз дружбы и братства народов региона, но и активизации их многоаспектного взаимодействия по всем ключевым направлениям.

Созданная в 2001 году, ныне эта авторитетная структура представляет собой межправительственную международную организацию, действующую на постоянной основе. В настоящее время в её состав входят Республика Индия, Республика Казахстан, Китайская Народная Республика, Кыргызская Респуб-лика, Исламская Республика Пакистан, Российская Федерация, Республика Таджикистан, Республика Узбекистан. Ряд государств имеет статус наблюдателя и партнёра по диалогу при ШОС.

Как известно, в числе ключевых целей, обозначенных в Уставе организации, значатся укрепление взаимного доверия и добрососедства между странами-участницами; содействие их эффективному сотрудничеству в политической, торгово-экономической, научно-технической и культурной областях; продвижение к созданию демократического и справедливого политического и экономического миропорядка.

Таким образом, сотрудничество с ШОС, пользующейся большим влиянием на Евразийском континенте, имеет большие перспективы и в контексте развития межрегиональных связей, служа задачам максимального задействования имеющегося потенциала для полноценного развития национальных экономик и их успешной интеграции в систему мирохозяйственных связей.

Приглашение Президента Сердара Бердымухамедова на очередную встречу высокого уровня наглядно свидетельствует о высоком международном авторитете Туркменистана, занимающего активную позицию в выработке сбалансированных решений актуальных вопросов и проблем современности и стремящегося реализовать свой колоссальный созидательный потенциал на общее благо.

Вылетев рано утром из воздушной гавани туркменской столицы, президентский авиалайнер через полтора часа приземлился в Международном аэропорту города Самарканд, где Президента Сердара Бердымухамедова встретили официальные лица Узбекистана.

На флагштоках подняты Государственные флаги стран, принимающих участие в Саммите ШОС. По обеим сторонам ковровой дорожки, ведущей от трапа самолёта, выстроен Почётный караул.

Высокому туркменскому гостю были преподнесены цветы.

В преддверии предстоящего завтра, 16 сентября, Саммита ШОС прибывший в Самарканд Президент Сердар Бердымухамедов провёл ряд двусторонних встреч со своими зарубежными коллегами – Председателем Китайской Народной Республики Си Цзиньпином, Президентом Российской Федерации Владимиром Путиным, Президентом Республики Узбекистан Шавкатом Мирзиёевым, а также с Генеральным секретарём Шанхайской организации сотрудничества Чжан Мином.

Проведённые на полях саммита встречи стали отражением инициативной позиции туркменской стороны по дальнейшему расширению многоаспектного сотрудничества, выстраиваемого на принципах равноправия, доверия и взаимной выгоды.

Также в рамках первого дня рабочего визита глава Туркменистана посетил Мавзолей первого Президента Узбекистана Ислама Каримова в мемориальном комплексе «Хазрати Хизр», где в дань светлой памяти выдающегося государственного и политического деятеля современности, внёсшего огромный личный вклад в укрепление и развитие братских туркмено-узбекских отношений, возложил венок к месту его захоронения.

Вечером автомобильный кортеж Президента Сердара Бердымухамедова направился в Парк почётных гостей, где глава государства высадил дерево, ставшее ещё одним символом крепких уз дружбы между братскими странами и их народами.

Рабочий визит Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в Республику Узбекистан продолжается.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ СОЕДИНЁННОГО КОРОЛЕВСТВА ВЕЛИКОБРИТАНИИ И СЕВЕРНОЙ ИРЛАНДИИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил от имени народа и Правительства Туркменистана искренние поздравления и наилучшие пожелания Королю Соединённого Королевства Великобритании и Северной Ирландии Его Величеству Карлу III по случаю вступления на престол.

В своём послании глава государства выразил готовность Туркменистана к дальнейшему развитию взаимовыгодного сотрудничества с Соединённым Королевством в политической, торгово-экономической, социальной, культурно-гуманитарной и других сферах.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана адресовал Его Величеству Карлу III пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Соединённого Королевства – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА МЕКСИКАНСКИХ СОЕДИНЁННЫХ ШТАТОВ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Мексиканских Соединённых Штатов Андресу Мануэлю Лопесу Обрадору по случаю национального праздника – Дня независимости Мексиканских Соединённых Штатов.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Андресу Мануэлю Лопесу Обрадору искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Мексики – мира, прогресса и процветания.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GANA RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINI GUTLADY

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan Gana Respublikasynyň Prezidenti Nana Akufo-Addo hem-de ýurduň ähli halkyna Türkmenistan bilen Gana Respublikasynyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

Döwlet Baştutanymyz gutlag hatynda döwletlerimiziň arasyndaky gatnaşyklaryň birek-birege hormat goýmaga, deňhukuklylyga hem-de özara ynanyşmaga esaslanýandygyny belläp, Türkmenistanyň ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine gyzyklanma bildirýändigini nygtady hem-de bilelikdäki tagallalaryň netijesinde ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdüriljekdigine ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz şu ýakymly mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Nana Akufo-Addo tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk, rowaçlyk, Gana Respublikasynyň halkyna bolsa ösüş we abadançylyk arzuw etdi.

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ ŞANHAÝ HYZMATDAŞLYK GURAMASYNYŇ SAMMITINDÄKI ÇYKYŞY

*(Samarkant şäheri, 2022-nji ýylyň 16-njy sentýabry)*




**Hormatly döwlet we Hökümet Baştutanlary!**
**Hormatly wekiliýetleriň agzalary, hanymlar we jenaplar!**

Ilki bilen, şu günki duşuşyga gatnaşyjylaryň ählisini mübäreklemäge hem-de onuň ýokary derejede guralandygy, myhmansöýerlik we netijeli işlemäge döredilen şertler üçin Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti hormatly Şawkat Miromonowiç Mirziýoýewe minnetdarlyk bildirmäge rugsat ediň!

Türkmenistan Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň ýokary derejedäki mejlisine hormatly myhman hökmünde çagyryldy. Ýurdumyza bildirilen şeýle hormata hyzmatdaşlygymyzy ösdürmekde uly mümkinçiliklere we geljege düşünmegiň, ony uzak möhletleýin, maksada gönükdirilen derejä çykarmaga çalyşmagyň nyşany hökmünde garaýarys. Biziň ýurdumyz şeýle çemeleşmäni doly goldaýar. Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň işine baha bermekde biz özara hormat goýmaga we deňhukuklylyga esaslanýan, kuwwatly syýasy, ykdysady mümkinçilige, belent abraýa eýe bolan bu birleşigiň Ýewraziýada parahatçylygyň, abadançylygyň, özara bähbitli, durnukly hyzmatdaşlygyň giňişligini döretmegi maksat edinýän köp döwletler üçin özüne çekiji merkeze öwrülýändiginden ugur alýarys.

Biziň ýurdumyz Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen syýasat, howpsuzlyk, ykdysadyýet, söwda, maýa goýum, medeni-ynsanperwer ugurlarda hyzmatdaşlygyň özara bähbitli köptaraply, çeýe görnüşlerini we usullaryny ýola goýmaga taýýardyr.

Häzirki döwürde dünýäde bolup geçýän çylşyrymly ýagdaýlar aýratyn jogapkärçiligi, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine eýerýän döwletleriň jebisligini, ählumumy we sebit howpsuzlygyny saklamak, gapma-garşylyklara, ýaramaz bäsdeşlige ýol bermezlik boýunça umumy strategiýany ýola goýmaklaryny talap edýär. Şu babatda Türkmenistan Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna yklymda durnuklylygyň möhüm daýançlarynyň biri hökmünde garaýar hem-de terrorçylyga, ekstremizme, guramaçylykly jenaýatçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna, jenaýatçylygyň beýleki görnüşlerine garşy göreşmek ýaly ugurlarda has ysnyşykly hem-de giň gerimli syýasy-diplomatik gatnaşyklaryň, hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagyny maksat edinýär we muňa taýýardygyny beýan edýär.

ŞHG bilen bilelikde dünýäde kanunyň we ykrar edilen halkara hukuk kadalarynyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň ýörelgeleriniň we ruhunyň, olaryň mizemezliginiň, üýtgewsizliginiň goralmagyny hem-de üpjün edilmegini biz gazanmak isleýän maksatlarymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda kesgitleýäris. Şunuň bilen baglylykda, şu gün ŞHG ýurtlarynyň ýolbaşçylaryna BMG-niň Baş Assambleýasynyň öňde boljak mejlisinde Türkmenistanyň beýan etjek halkara başlangyçlary barada habar bermegi zerur hasaplaýaryn.

Halkara gatnaşyklarda ynanyşmak dialogy filosofiýasyny ilerledip, BMG-niň Baş Assambleýasynyň "Dialog — parahatçylygyň kepili" atly Kararnamasynyň taslamasyny işläp düzmek başlangyjyny öňe sürmegi maksat edinýäris. Şeýle resminamanyň kabul edilmegi bilen, BMG-ä agza döwletleriň ählisiniň, nähili çylşyrymly görünýändigine garamazdan, dartgynly ýagdaýlary gepleşikler arkaly, parahatçylykly ýollar bilen çözmäge pugta ygrarlylygynyň tassyklanyljakdygyna ynanýarys.

Häzirki wagtda hormat goýmaga esaslanýan syýasy gatnaşyklaryň medeniýetiniň täzeden dikeldilmegi ol ýa-da beýleki meselelere garalanda, özara düşünişmek we bähbitleriň deňeçerligini berjaý etmek üçin mümkinçilikleri gözlemegiň, jogapkärli, gapma-garşylyksyz çemeleşmegiň esasy şertleriniň biri hökmünde köptaraplaýyn ähmiýete eýe bolýar. Şundan ugur alyp, Türkmenistan 2025-nji ýyly "Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly" diýip yglan etmek baradaky teklibini Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň garamagyna hödürlär.

Sebit derejesinde, ilkinji nobatda, Merkezi Aziýada jedelli ýagdaýlaryň öňüni almakda we aradan aýyrmakda Türkmenistanyň hem-de ŞHG-niň bilelikdäki mümkinçiliginiň peýdalanylmagyna hyzmatdaşlygymyzyň wajyp ugry hökmünde garaýarys. Biz birnäçe döwletleriň — Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzalarynyň we synçylarynyň ýurdumyzyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynda döredilen parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparyna goşulmagyna ýokary baha berýäris. Munuň özi parahatçylyk döredijilikli gün tertibiniň ilerledilmegi üçin oňyn şertleri üpjün edýär diýip hasaplaýaryn.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza döwletleriň hem dördüsiniň esaslandyryjylar hökmünde gatnaşan BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň döredilmeginiň 2022-nji ýylyň dekabr aýynda 15 ýyllygynyň bellenilýändigini nazara almak bilen, biz Baş Assambleýanyň garamagyna bu merkeziň orny baradaky nobatdaky Kararnamanyň taslamasyny hödürlemek isleýäris we degişli resminamada soňky ýyllaryň ähmiýetli wakalaryny, şol sanda Merkezi Aziýada parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagynyň yglan edilmegini beýan etmegi göz öňünde tutýarys. Bu başlangyçlaryň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy tarapyndan goldanyljakdygyna bil baglaýarys.

**Hormatly duşuşyga gatnaşyjylar!**

Türkmenistan ŞHG bilen söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga açykdyr. Munuň üçin diňe bir mümkinçilikler däl, eýsem, zerurlyk hem bar. Ýurtlarymyzdaky kuwwatly serişde we önümçilik binýatlary, çäk taýdan goňşuçylyk, ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn görnüşlerdäki hyzmatdaşlygyň toplanan baý tejribesi häzirki günde ulag, logistika, kommunikasiýa, energetika ulgamlarynda uzak möhletleýin durnukly gatnaşyklary ýola goýmak, şeýle-de Gündogar — Günbatar, Günorta — Demirgazyk ugurlary boýunça söwda-ykdysady geçelgeleri döretmek üçin oňyn şertleri üpjün edýär.




Ýurdumyz harytlaryň we hyzmatlaryň yklymara hem-de sebitleýin üstaşyr ugurlaryny ýola goýmak üçin ŞHG-niň bähbitlerine öz çäklerini we infrastrukturalaryny peýdalanmak baradaky meseläni ara alyp maslahatlaşmaga taýýardyr. Şunda türkmen kenarynda — Türkmenbaşy şäherinde döwrebap, köpugurly Halkara deňiz portunyň bardygyna görä, Hazar ugruna uly orun degişlidir.

Hytaý — Merkezi Aziýa, Hazar deňzi — Gara deňiz ugry boýunça üstaşyr ulag geçelgelerini we logistik ulgamy döretmäge ŞHG-niň işjeň gatnaşmagynyň maksadalaýyk boljakdygyna ynanýarys. Şeýle-de gyzyklanma bildirýän taraplar bilen Baltikadaky rus portlaryndan Pars aýlagyndaky, Arap deňzindäki we Hindi ummanyndaky deňiz terminallaryna çenli ýük daşamalary üpjün edýän ulag geçelgeleriniň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça hyzmatdaşlyga taýýardyrys.

Türkmenistan energetika ulgamynda-da ŞHG bilen yzygiderli we uzak möhletleýin hyzmatdaşlyga taýýardyr. ŞHG-niň döwletleriniň zerurlyklaryny üpjün etmek, geljekde daşarky bazarlara çykmak maksady bilen, energiýa serişdeleriniň iberilişini diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça bilelikdäki taslamalary meýilleşdirmäge girişmegi teklip edýäris. Ýurdumyzda energiýa serişdelerini ibermegiň möçberlerini ep-esli artdyrmak üçin zerur serişde kuwwatlyklary bar. Biz köp ýyllaryň dowamynda energetika ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň baý tejribesini topladyk. Türkmenistan nebitgaz ulgamynda işleri alyp barmagyň umumy kabul edilen tejribesini ulanmak arkaly öz tebigy gazyny Russiýa, Hytaýa we goňşy ýurtlara iberýär. Häzirki wagtda biz Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasyny durmuşa geçirmegiň üstünde işleýäris.

Şunda şu we beýleki köptaraplaýyn taslamalara Owganystanyň gatnaşmagynyň möhümdigini aýratyn nygtamak isleýärin. Munuň özi ýurduň ykdysadyýetiniň we durmuş ulgamynyň dikeldilmeginiň, ahyrky netijede, parahatçylygy, ylalaşygy gazanmagyň esasy şertleriniň biridir. Şeýle-de doganlyk owgan halkyna hemmetaraplaýyn ykdysady we ynsanperwerlik kömeginiň berilmegini ilkinji nobatdaky wezipe hasaplaýarys.

Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hususyýetçilik, telekeçiligiň yzygiderli gatnaşyklary üçin şertleri döretmek boýunça has ýakyn, netijeli hyzmatdaşlyk ugrunda çykyş edýäris.

Medeniýet, ylym, bilim, ynsanperwer ulgamlardaky gatnaşyklar hem ŞHG bilen hyzmatdaşlygyň gün tertibindedir. Ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklaryň köpasyrlyk taryhy bolup, Türkmenistan bu gatnaşyklaryň dowam etdirilmegini we ösdürilmegini dolulygyna goldaýar.

Sözümiň ahyrynda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň döwletleri bilen ýakyn dost-doganlyk gatnaşyklarynyň Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolandygyny we şeýle bolmagynda-da galýandygyny nygtamak isleýärin. Biz şeýle hyzmatdaşlygyň uly geljeginiň bardygyna düşünýäris. ŞHG bilen gatnaşyklarymyzy tapawutlandyrýan özara düşünişmegiň, ynanyşmagyň, açyklygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň hem-de birek-birege hormat goýmagyň ýetilen sepgidine ýokary baha berýäris. Bu hyzmatdaşlygy ösdürmäge we baýlaşdyrmaga taýýardyrys. Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hyzmatdaşlygy uzak möhletleýin, strategik derejä çykarmagy pugta maksat edinýäris.

# Президент Туркменистана встретился с Генеральным секретарём Шанхайской Организации Сотрудничества



15 сентября 2022 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов, прибывший в Самарканд в целях участия в качестве почётного гостя в Саммите Шанхайской организации сотрудничества (ШОС), встретился с Генеральным секретарём этой международной организации Чжаном Мином.

Обменявшись тёплыми приветствиями, глава государства поблагодарил организаторов Саммита ШОС за приглашение принять участие в этой важной и представительной встрече в качестве почётного гостя, подчеркнув, что данный факт рассматривается как знак высокого уважения к Туркменистану и проводимому нашей страной нейтральному курсу.

В ходе беседы состоялся заинтересованный обмен мнениями о перспективах дальнейшего взаимодействия в контексте его ключевых аспектов и имеющегося разнопланового потенциала.

Как отметил Президент Сердар Бердымухамедов, Туркменистан наработал большой опыт в области энергетики и готов им поделиться, а также участвовать в совместной работе по реализации конкретных энергетических проектов с государствами-членами ШОС.

Выразив убеждение, что осуществление таких проектов является примером сотрудничества Туркменистана с государствами ШОС в энергетике, Президент Сердар Бердымухамедов предложил рассмотреть возможность создания между нашей страной и заинтересованными государствами ШОС Рабочей группы «ad hoc» по энергетическим вопросам.

Также глава Туркменистана озвучил предложение о создании временного Координационного совета для обеспечения слаженной и эффективной работы в области транспорта.

В завершение Президент Сердар Бердымухамедов и Генеральный секретарь ШОС Чжан Мин выразили уверенность, что очередной Саммит Шанхайской организации сотрудничества станет ещё одним важным шагом на пути дальнейшей оптимизации сотрудничества Туркменистана со странами ШОС, большим вкладом в дело укрепления на планете климата доверия и взаимопонимания.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti bilen duşuşygy



15-nji sentýabrda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşmak maksady bilen Samarkanda gelen Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedow Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşdy.

Döwlet Baştutanymyz çakylyk hem-de bu ýerde bildirilen myhmansöýerlik üçin özbek kärdeşine minnetdarlygyny beýan edip, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň mähirli salamyny ýetirdi.

Prezident Şawkat Mirziýoýew belent mertebeli myhmany mübärekläp, Türkmenistanyň döwlet Baştutanyny Özbegistanda ýene-de kabul etmäge örän şatdygyny belledi. Munuň özi ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň aýratyn häsiýetini nobatdaky gezek tassyklaýar. Bu gatnaşyklar Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary esasynda hakyky strategik derejä çykaryldy diýip, özbek Lideri nygtady hem-de özüniň dosty hormatly Arkadagymyza iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Söhbetdeşler duşuşygyň çäklerinde ikitaraplaýyn we sebitleýin görnüşde üstünlikli ösdürilýän türkmen-özbek hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary boýunça pikir alyşdylar. Türkmenistanyň Özbegistan Respublikasy bilen gatnaşyklara ýokary baha berýändigi hem-de iň ýakyn goňşusy, ygtybarly hyzmatdaşy bilen özara bähbitli gatnaşyklaryň ösdürilmegine uly ähmiýet berýändigi nygtaldy.

Taraplaryň pikirine görä, deňhukuklylyk, özara hormat goýmak, açyklyk we ynanyşmak, iki halkyňdyr ýurduň arasynda dostlugy we hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň wajypdygyna düşünmek döwletara gatnaşyklaryň tapawutly aýratynlyklarydyr.

Bellenilişi ýaly, abraýly halkara düzümleriň çäklerindäki, şol sanda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu gurama bilen ýurdumyz köp ýyllaryň dowamynda üstünlikli hyzmatdaşlyk edip gelýär, ŞHG-niň sammitlerine hormatly myhman hökmünde gatnaşýar. Muňa Türkmenistanyň bitarap daşary syýasy ugruna goýulýan ýokary hormatyň nyşany hökmünde garalýar diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň ŞHG-ä agza döwletler bilen dostlukly gatnaşyklara ygrarlydygyny tassyklap, ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmagy maksat edinýändigini belledi.

## Встреча Президента Туркменистана с Президентом Российской Федерации



15 сентября 2022 года Президент Сердар Бердымухамедов, прибывший в Самарканд в целях участия в качестве почётного гостя в Саммите ШОС, встретился с Президентом Российской Федерации Владимиром Путиным.

Обменявшись тёплыми приветствиями, главы двух государств выразили удовлетворение возможностью в личной беседе обсудить актуальные вопросы дальнейшего развития туркмено-российских отношений, основанных на давних узах дружбы и добрососедства, принципах равноправного взаимовыгодного партнёрства.

В апреле нынешнего года было отмечено 30-летие установления дипломатических отношений между нашими странами, сказал Президент РФ, констатировав, что уровень стратегического партнёрства, сложившегося и зафиксированного в соответствующих документах, находит своё подтверждение на деле.

Подчеркнув, что в этом – большая личная заслуга Председателя Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана, глава России передал ему самые наилучшие пожелания. Президент Владимир Путин также отметил, что с удовольствием встретится с Председателем Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана в ходе его предстоящего визита в Россию по приглашению Председателя Верхней палаты Парламента РФ Валентины Матвиенко.

Выразив российскому лидеру признательность за возможность встретиться в рамках Саммита Шанхайской организации сотрудничества, Президент Сердар Бердымухамедов передал ему тёп¬лые слова приветствия от имени Председателя Халк Маслахаты Милли Генгеша Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова.

В данной связи глава государства с удовлетворением констатировал высокий уровень туркмено-российского политического диалога, подтверждением чему являются взаимные визиты и встречи на высшем уровне.

Как отметил Президент Сердар Бердымухамедов, поступательному развитию двусторонних отношений всецело способствуют систематические контакты на уровне правительств, а также регулярно проводимые консультации по линии внешнеполитических ведомств.

Конструктивный характер присущ сотрудничеству двух государств в рамках авторитетных региональных и международных организаций. В этой связи глава Туркменистана выразил своему российскому коллеге признательность за неизменную поддержку нейтрального внешнеполитического курса нашей страны и выдвигаемых ею инициатив в ООН и других международных структурах.

По обоюдному мнению сторон, особое место в межгосударственных отношениях занимает плодотворный культурно-гуманитарный диалог. Так, в целях углубления многолетних связей в области образования в настоящее время рассматривается вопрос об открытии в Ашхабаде туркмено-российского университета. Многое делается и в плане взаимодействия в сфере культуры.

В завершение встречи Президенты Сердар Бердымухамедов и Владимир Путин, выразив уверенность, что традиционные туркмено-российские отношения будут и впредь крепнуть и успешно развиваться, обменялись наилучшими пожеланиями в адрес друг друга и дружественных народов обеих стран.

## Meeting of the President of Turkmenistan with the Chairman of the People's Republic of China



On September 15, 2022, President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov, who arrived in Samarkand to participate as an honored guest at the Summit of the Shanghai Cooperation Organization, met with President of the People's Republic of China Xi Jinping.

Having warmly welcomed his Turkmen colleague, the head of the friendly state congratulated him on his convincing victory in the Presidential elections held on March 12 this year and sincerely wished him great success in his large-scale activities in the highest state post.

Thanking for the congratulations and expressing satisfaction with the opportunity to exchange views on the agenda of bilateral cooperation within the framework of a personal meeting, the head of state conveyed warm greetings to the Chinese leader on behalf of Chairman of the Halk Maslakhaty of the Milli Gengesh of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov.

Taking the opportunity, the head of Turkmenistan wished a successful holding of the upcoming XX Congress of the Communist Party of China, expressing confidence that the important decisions taken at it would further strengthen the political and economic power of fraternal China.

Today, both countries are not only actively developing bilateral relations, filling them with new content, but also effectively interacting in the international arena. During the meeting, the sides expressed their readiness to further strengthen mutually beneficial cooperation both on a bilateral and multilateral basis, including within the framework of the “Central Asia + China” format.

In order to further develop political relations, the President of Turkmenistan proposed to instruct the Ministries of Foreign Affairs of the two countries to prepare a Roadmap, which would include proposals to intensify contacts at the highest state level and develop intergovernmental and inter-parliamentary relations.

In this regard, taking into account the existing huge potential for cooperation, it was proposed to prepare and hold the next meeting of the Turkmen-Chinese Joint Committee.

The readiness of the Turkmen side was also expressed to consider the issue of signing a bilateral document on pairing the One Belt One Road strategy with the concept of Revival of the Great Silk Road.

Along with this, the parties stressed the importance of further expanding and strengthening ties in education, science, culture, health-care and other socially significant areas.

At the end of the meeting, the heads of the two states exchanged mutual good wishes, expressing confidence in the steady buildup of a productive dialogue that fully meets the state interests and priorities of the socio-economic development of the two friendly countries.

Интернет газета
Международные новости

# Aşgabatda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIII maslahaty geçirildi

2022-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda paýtagtymyzyň "Mekan" köşgünde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIII maslahaty geçirildi.

Maslahatyň açylyş dabarasyna Milli Geňeşiň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň ýolbaşçylary hem-de wekilleri, Ylymlar akademiýasynyň institutlarynyň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, ýurdumyzyň dürli künjeklerinden bu birleşigiň agzalary, hormatly ýaşulular, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, talyp ýaşlar gatnaşdylar.

Gahryman Arkadagymyz ýaşlaryň köptaraplaýyn sazlaşykly ösmelidigine ünsi çekip, talyplaryň saz çalmak, aýdym aýtmak bilen bir hatarda, dutar ýasamak senetçiligini özleşdirmeginiň ähmiýetli boljakdygyna ünsi çekdi.

Maslahata gatnaşyjylar Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowy şowhunly el çarpyşmalar bilen garşyladylar. Gahryman Arkadagymyz Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň XXIII maslahatyny açyk diýip yglan etdi. Türkmenistanyň Döwlet senasynyň ýaňlanmagy maslahatyň dabaraly bölüminiň başlanýandygyny mälim etdi. Şeýle-de maslahata gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň iberen Gutlagyny uly üns we ruhubelentlik bilen diňlediler.

Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti maslahata gatnaşyjylaryň adyndan ynsanperwer gymmatlyklaryň dabaralanmagyny şertlendirýän syýasat üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hoşallyk bildirdi.

Soňra maslahatyň gün tertibi biragyzdan tassyklanyldy. Onda ýerine ýetirilen işler barada hasabatlar we döwlet ösüşiniň täze tapgyrynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň işiniň geljekki ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak öz beýanyny tapdy. Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň Başlygy, Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedowa söz berilýär.

Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti hemmeleri «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda uly dabaralara beslenip belleniljek mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 31 ýyllyk baýramy hem-de bu uly toýumyza gabatlanyp geçirilýän forumyň öz işine başlamagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlady.

Soňra Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň Prezidenti «Ynsanperwerligiň sarpasy» atly nyşanyň täze nusgasyny tassyklamak barada karara gelendigini, şunuň bilen baglylykda, bu nyşanyň täze taslamasynyň taýýarlanandygyny belledi.

Maslahatyň dowamynda Dünýä türkmenleriniň ynsanperwer birleşiginiň daşary ýurtlardaky bölümleriniň işi barada Germaniýa Federatiw Respublikasyndan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Owganystandan gelen wekiller, şeýle hem "Türkmen dünýäsi" gazetiniň baş redaktory pursatdan peýdalanyp, daşary ýurtlarda ýaşaýan watandaşlarymyz hakynda hakykatdan-da, atalyk aladasynyň edilýändigi, bu ugurda halkara derejesinde maglumat giňişliginiň döredilýändigi üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň wekilleri Türkmenistanyň başlangyjy bilen ulag we energetika ulgamlarynda amala aşyrylýan iri halkara



taslamalaryň diňe bir sebitde däl, eýsem, tutuş dünýäde parahatçylygyň we durnuklylygyň berkidilmegini şertlendirýändigini bellediler. Şeýle hem maslahata gatnaşyjylara ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwletleriň hataryna çykarmaga gönükdirilen iri taslamalaryň durmuşa geçirilişi barada maglumatlar berildi.

Çykyş edenleriň belleýişleri ýaly, hormatly Prezidentimiziň öňyn halkara başlangyçlary, alyp barýan ynsanperwer syýasaty döwletleriň we halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň mundan beýläk-de berkidilmegine we ösdürilmegine, ählumumy parahatçylygyň, abadançylygyň, durnukly ösüşiň üpjün edilmegine gönükdirilendir.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa Ýüzlenme kabul etdiler. Onda döwlet Baştutanymyzy ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 31 ýyllygy bilen gutlap, döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň berkidilmegini we onuň halkara abraýynyň belende galmagynyň, milletiň ruhy däpleriniň galkynmagynyň bähbidine alyp barýan işleri we daşary ýurtlarda kowçum bolup ýaşaýan türkmenleriň işine yzygiderli üns berýändigi üçin Arkadagly Serdarymyza hoşallyk sözleri beýan edildi.

## Делегация Туркменистана провела ряд плодотворных встреч в рамках рабочего визита в ОАЭ



В период с 12-го по 16-ое сентября 2022 года, туркменская делегация во главе с заместителем министра иностранных дел Бердынихазом Мятиевым находится с рабочим визитом в Объединенных Арабских Эмиратах.

В рамках визита туркменская делегация провела серию двусторонних встреч. В частности, 12-14 сентября прошли переговоры с Министром энергетики и инфраструктуры ОАЭ Сухайлом Аль Мазруи, Главным исполнительным директором и управляющим порта Абу-Даби Саифом Мухамедом Джума Аль Шамиси, Генеральным директором Фонда развития Абу-Даби Мохаммедом Саифом Аль Сувайди, Главным исполнительным директором компании «Масдар» Мохамедом Джамилем Аль Рамахи и Государственным министром ОАЭ Ахмедом Али Аль Сайегом.

В ходе состоявшихся бесед стороны дали высокую оценку нынешнему уровню взаимоотношений между Туркменистаном и ОАЭ. Подтверждена твёрдая нацеленность двух стран поддерживать регулярный и доверительный диалог, отвечающий интересам сторон.

Подчеркнув необходимость подготовки соответствующих материалов, стороны обсудили вопросы подготовки и проведения очередного заседания совместного Комитета по сотрудничеству между Туркменистаном и Объединенными Арабскими Эмиратами, запланированного на 2022 год в Абу-Даби.

Подробно были обсуждены вопросы укрепления торгово-экономических отношений между двумя странами. Выражена заинтересованность обеих стран в расширении спектра сотрудничества между государственными и частными структурами, совершенствовании инвестиционного климата. Состоялся обмен мнениями касательно привлечения и развития транспортного потенциала Туркменистана и ОАЭ. Речь шла о задействовании возможностей морского, железнодорожного и воздушного транспорта, использовании портовой инфраструктуры для продвижения двусторонних и многосторонних торгово-экономических связей.

В ходе встречи с Государственным министром ОАЭ Ахмедом Али Аль Сайегом были обсуждены вопросы организации предстоящего официального визита Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова в ОАЭ по приглашению Президента Мухаммеда бин Зайеда Аль Нахайяна. Также был обсужден пакет документов, который предполагается подписать в ходе этого визита.

## В МИД Туркменистана состоялись туркмено-армянские политические консультации

13 сентября 2022 года в Ашхабаде состоялись политические консультации между Министерствами иностранных дел Туркменистана и Республики Армения. Туркменскую делегацию возглавил заместитель министра иностранных дел В.Хаджиев, а делегацию Армении - заместитель министра иностранных дел страны М.Сафарян.

Обменявшись приветствиями, стороны отметили дружественный характер присущий туркмено-армянским отношениям. В ходе встречи стороны детально обсудили ключевые аспекты двустороннего сотрудничества в политической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Был констатирован высокий уровень сотрудничества в рамках международных и региональных организаций, в первую очередь ООН. Отмечена последовательная поддержка армянской стороны внешнеполитических инициатив Туркменистана, выдвигаемых на международных платформах.

Стороны с удовлетворением отметили, что в нынешнем году исполняется 30-лет со дня установления дипотношений между Туркменистаном и Республикой Армения, и в этой связи, предложено проведение ряда мероприятий, приуроченных к этой дате.

Дипломаты также отметили положительную динамику развития торгово-экономических отношений. В этом контексте была отмечена готовность Туркменистана к обсуждению перспектив сотрудничества во всех областях, включая топливно-энергетическую сферу.

В завершение переговоров стороны обсудили вопросы расширения культурно-гуманитарного сотрудничества и заявили о наличии больших возможностей для дальнейшего развития отношений по различным направлениям.

## A meeting at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan with the Regional Director of the United Nations Development Coordination Office

On September 14, 2022, the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov met with the Regional Director of the United Nations Development Coordination Office (UNDCO) for Europe and Central Asia, Ms. Gwi-Yeop Son.

During the meeting, the parties highly evaluated the cooperation between Turkmenistan and the United Nations in a wide range of areas. Particular emphasis was placed on the importance of combining efforts in the implementation of the 2030 Agenda and the national sustainable development goals in Turkmenistan.

Rashid Meredov also noted that Turkmenistan supports the holding of the Education Transformation Summit in September 2022 in New York during the high-level week of the seventy-seventh session of the UN General Assembly. It was highlighted that Turkmenistan has been conducting the work to improve the national education system and ensure equal access to quality education and plans to start national consultations in the near future in frames of preparation for this Summit.

The diplomats reviewed current and prospective projects and talked about key areas of cooperation. The significance of the initiatives proposed by Turkmenistan under



the leadership of the head of state in the field of energy, transport, ecology, health care and others, which were embodied in a number of resolutions adopted by the UN General Assembly, was especially emphasized.

The parties discussed areas of cooperation and exchanged views on developing the potential for interaction with the UN, in particular, on holding an international conference on healthcare.

During the meeting, the Turkmen side proposed to expand cooperation with the UN in the field of social services.

The parties agreed to continue active cooperation towards achieving these goals.

## Состоялось очередное заседание Совместной рабочей группы по вопросам разграничения дна Каспийского моря между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой

12-13 сентября 2022 года в г. Баку Азербайджанской Республики состоялось очередное заседание Совместной рабочей группы по вопросам разграничения дна Каспийского моря между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой.

Делегацию Туркменистана возглавил директор Института Каспийского моря, Специальный представитель Туркменистана по вопросам Каспийского моря М.Атаджанов, азербайджанскую делегацию - заместитель министра иностранных дел, Специальный представитель Президента Азербайджанской Республики по вопросам границ и Каспийского моря Х.Халафов.

Во встрече приняли участие представители соответствующих министерств и профильных ведомств Туркменистана и Азербайджанской Республики.

В ходе заседания были обсуждены положения проекта Соглашения между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой о разграничении дна Каспийского моря между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Туркменистан готовит периодические доклады в Комитет ООН по правам инвалидов*

Межведомственная комиссия по выполнению международных обязательств Туркменистана в области прав человека и международного гуманитарного права обсудила подготовку объединенного второго, третьего и четвертого периодического доклада в Комитет ООН по правам инвалидов. Туркменистан стал первым государством в регионе, ратифицировавшим Конвенцию о правах инвалидов (КПИ) и ее факультативный протокол.

Двухдневный семинар для членов Рабочей группы провёл международный эксперт Джордж Тугуши.

### *Два туркменских вуза впервые вошли в мировой рейтинг THE Impact Rankings-2022*

Международный университет нефти и газа имени Ягшыгелди Какаева и Институт телекоммуникаций и информатики Туркменистана впервые разместились на строчках глобального рейтинга воздействия THE Impact Rankings-2022. Университет нефти и газа оценен международными экспертами по достижению ЦУР 4 (качество образования), ЦУР 7 (доступная и чистая энергия), ЦУР 9 (промышленность, инновации и инфраструктура), ЦУР 17 (партнерство для достижения целей). Институт телекоммуникаций и информатики страны отмечен в области реализации ЦУР 4 (качество образования), ЦУР 8 (достойная работа и экономический рост).

### *Делегация Туркменистана приняла участие в Саммите по преобразованию образования в Нью-Йорке*

В период с 16 по 19 сентября 2022 года Делегация Туркменистана находилась с визитом в Нью-Йорке, США, где принимала участия в Саммите по преобразованию образования, созванном Генеральным секретарем Организации Объединенных Наций Антониу Гутерришем.

Представители Туркменистана приняли участие в серии сессий Саммита по преобразованию образования, а также в его заключительном пленарном заседании на тему цифровой трансформации образования.

### *Послы Туркменистана в Турции и Австрии вручили верительные грамоты*

14 сентября Посол Туркменистана в Турции Мекан Ишангулыев вручил верительные грамоты Президенту Турции Реджепу Тайипу Эрдогану, а также 15 сентября в Президентском Дворце «Хофбург» в г.Вена состоялась церемония вручения верительных грамот Посла Хемра Аманназарова Федеральному Президенту Австрии Александру Ван дер Беллену.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***